# Mäne-Çäçe obasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mäne-Çäçe obasy MÄNE-ÇÄÇE OBASY

Waspyñ ilki edýän däldir meñ şygrym,
Iñ soñkam däldirin waspyñ sözleýän.
Ýurt eýesem däldir – paralap bagryn,
Dogduk mekan diýip özelenmeýän.

Özüme gaýtardy öz sesimi zaw,
Gözlerime siñdi hyrawa gunça.
Keýp bermez ekeni ýuka kalba aw!
Söýdüm göwnüm awlan illeriñ, Çäçe!

Munda bir eneden dogan uýam bar,
Mundan agalam bar – seýrek görüşýän.
Ömrümi uzaltjak ajap dünýäm bar,
Olam – dostlar bilen degşip, gülüşmäm.

Ýeke sapar gelen ýaly müñ gelsem,
Mänä-Çäçä adym dolandyr eýýäm.
Maña söz berilýär, görüñ, men bolsam,
Okumyş daýhany diñlesem diýýän.

Soñ gojalar düýne giderler alyp,
Soñ alyp giderler geljege ýaşlar.
Täç Gök alyslardan at salyp,
Ýyllardan aşar-da Gaýgysyz düşlär.

Ýatlaşarlar munda goja Kerbabañ,
Ýaşlygna dolanyp, göwün açanyn.
Ýatlanarmy bir gün meñem bu obañ
Ýollaryndan şygyr okap geçenim.

…Señ şahyryñ bolup, jan edip näçe
Şanyna ýadygär goýsam-da nama;
Giñ ekeniñ şygra sygardan Çäçe,

Ýöne sygýañ kiçijik bir salama.

Gowşut ŞAMYÝEW. Goşgular